***Telekeçilik Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýeti ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Telekeçilik bilen Türkmenistanyň çäklerinde fiziki we ýuridik şahslar meşgullanyp bilýärler. Hususy pudagy mundan beýläk-de ösdürmek, senagaty diwersifikasiýalaşdyrmak, ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn ösüşiniň kuwwatyny artdyrmak, ýurduň ählumumy ykdysady giňişlige netijeli goşulmagyny üpjün edýär.***

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, telekeçilik işi bilen meşgullanmak hukugy fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnan pursadyndan ýüze çykýar. Şeýlelikde, hususy telekeçilik işi diňe döwlet belligine alnan ýagdaýynda kanunalaýyk bolýar. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, ýuridik şahsyň emele gelmegindäki telekeçilik işi «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen tertipde döwlet belligine alynýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda hereket edýän we döwrüň talaplaryna görä yzygiderli kämilleşdirilýän kanunçylyk binýady, telekeçilik işini hasaba almagyň we güwälendirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibi, salgyt salmagyň ýeňilleşdirilen ulgamy, ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar we beýleki ençeme hukuk, maliýe we durmuş şertleri ýurdumyzda işewürligiň hem-de kiçi we orta telekeçiligiň giňden ýaýbaňlandyrylmagyna, telekeçiligiň iş ugrunyň köpelmegine hem-de telekeçilik bilen meşgullanmak isleýän watandaşlarymyzyň sanynyň yzygiderli artmagyna giň ýol açýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe telekeçilige, hususyýetçilige berilýän ünsüň we ýardamyň netijesinde, hususy telekeçilik uly ösüşe eýe bolýar. Türkmenistanyň bazar gatnaşyklaryna geçýän döwründe öz milli aýratynlyklaryny nazara alyp, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde, ylaýta-da, telekeçilige döwlet tarapyndan uly goldawlaryň berilýändigini görkezmegiň we telekeçilikde dünýä tejribesini önümçilige ornaşdyrmagyň wajyp orna eýedigini aýratyn bellemelidiris. Gahryman Arkadagymyz telekeçiligi ýokary derejede ösdürmek boýunça taýsyz tagallalary edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda 2008-nji ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi, döwletimiziň ykdysady gurluşynda milli telekeçiligiň, hususy sektorlaryň mynasyp orny eýelemegine ýol açdy.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi döwrümiziň belent maksatlaryna ýetmekde, döwletiň ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde uly işleri alyp barýar. Geçen 17 ýylyň dowamynda birleşmäniň agzalarynyň sanynyň ep-esli artmagy, hususy başlangyçlaryň rowaçlanmagy, telekeçileriň alyp barýan işleriniň geriminiň has-da giňemegi bu ugurdaky syýasatyň ajaýyp miweleridir. Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilen gününden bäri onuň agzalarynyň sany

Все права защищены

save pdf date >>> 03.01.2026

27 müňden geçdi. Döwletimiz tarapyndan döredilýän giň mümkinçilikleriň netijesinde, geçen 17 ýylyň içinde birleşmäniň agzalarynyň öndüren senagat önümleriniň möçberi 78,8 esse, oba hojalyk we azyk önümleriniň möçberi bolsa 85,2 esse ýokarlandy.

Käbir maglumatlara ýüzlensek, «Kiçi gala» hususy kärhanasy ýurdumyzda ruçka önümçiligi bilen meşgullanýan ilkinji ýerli hususy taraplaryň biridir. «Rowaç» hem-de «Diýar» harytlyk nyşanlary bilen öndürilýän ruçkalar hil babatynda-da, baha taýdan ep-esli artykmaçlyga eýedir. Mundan başga-da, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde «Keremli ädim» hojalyk jemgyýeti hem-de telekeçiler R.Rejepow, S.Rozmetowa dagylar öz hususy zawodynda polipropilen tehniki haltalary öndürip, 2018-nji ýyldan bäri Özbegistan Respublikasyna, Russiýa Federasiýasyna, Owganystan Yslam Respublikasyna, Gruziýa eksport edilýär. Bu zawodyň ýylyň dowamynda 100-120 tonna polipropilen haltany öndürmäge mümkinçilikleri bar. Telekeçileriň üstünliklerini goldaýan, hemaýat, goldaw berýän, söwda işini amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikleri, şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Eziz WELMEDOW,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyňDaşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Agroişewürlik merkeziniň guramaçysy.**

Все права защищены